# Döwletiñ bähbidi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Döwletiñ bähbidi DÖWLETIÑ BÄHBIDI

● «Eýýamyñ lideri» göwreliligi barlagdan geçirtmek isleýänleri watana dönüklik etmekde aýyplady, «çaga dogurmazlygy ündemek watana dönüklikdir» diýdi.
Referendum geçirilmegi talap edýänleri watana dönüklik etmekde aýyplady.
«Referendum talap etmek – watana dönüklikdir» diýdi.
Hatda «referendum sözüni agza almagyñ özi watana dönüklikdir» diýmekden çekinmedi.
«Referendum adalgasyny kitabymyzdan öçüreliñ, ýurdumyzy referendum çekişmelerine gurban etsek, watana dönükligiñ iñ ýamanydyr» diýdi.
RHP-ni watana dönüklik etmekde aýyplady, «Jehape watana dönüklik etdi, elimizde maglumat bar, watana dönüklik bilen baglanşykly» diýdi.
● «Millet» ýaranlygyny watana dönüklik etmekde aýyplady, «watana dönüklik edýänleriñ dördem bandasyna ses berjek bolýarsyñyzmy?» diýip sorady.
● Banklardan walýuta alanlary watana dönüklik etmekde aýyplady, «hususanam senagatçylarymyza seslenýärin, banklara çozup, walýuta aljak bolmañ, men munu watana dönüklik bilen deñ hasaplaýaryn» diýdi.
● Daşary ýurtlarda iş alyp barýan işewürleri watana dönüklik etmekde aýyplady, «eşidýän käbir maglumatlarym bar, daşary ýurda pul gaçyrjak bolýanlara geçirimlilik bolmaz, ýol bermeris, bu synanşyklar watana dönüklikdir» diýdi.
TÜSIAD-yñ başlygyny-da watana dönüklik etmekde aýyplady, «TÜSIAD-yñ başlygy öñe çykyp «global sermaýa Türkiýä aralaşmaly däldir» diýip bilmez, ol bu jümläni agzyna alýan bolsa, bu eýýäm watana dönüklikdir» diýdi.
● Hususylaşdyrmaga garşy çykýanlary watana dönüklikde aýyplady, «hususylaşdyrýarys bahanasy bilen hökümetimizi

dönüklikde aýyplaýanlaryň özleri watan dönügidirler» diýdi.
● AKP-den aýrylanlaryň «dönüklik» edýändiklerini aýtdy.
● Aýasofýanyň muzeýligine galmalydygyny aýdýanlary dönüklikde aýyplady.
● «Ýaraşyk möhletine» («Çözüm süreci») garşy çykýanlary dönük yglan etdi, «ýaraşyk möhletine «dönüklik möhleti» diýýärler, eger munda watana dönüklik bar bolsa, onda Bahçeli bilen Kylyçdarogly hakyky watan dönügidir» diýdi.
Ýekän-ýekän ýazjak bolsak, sahypalara sygmaz: abort etdiren, walýuta çalşan, saýlawlaryň geçirilmegini talap eden… watan dönükleriniň sanawy juda uzyn…
Dek düýnüň özünde aramyza ýene bir täzeje «watan dönügi» goşuldy.
«Dogruçyl maglumatlary berýär, işini göwnejaý ýerine ýetirýär» diýip öwülen saglygy goraýyş ministrimiz koronawirus keseliniň alamatlaryny göterýän ildeşlerimiziň näsag saýylmaýandygyny, onuň wirus göterýändiginine garamazdan – munuň kesele ýoluganlaryň sanawyna goşulmaýandygyny, gündelik hasabata ýazylmaýandygyny aýtdy.
Ol munuň [b]»döwletiň bähbit Publisistika